***Abu-Dabide «Zayed Award for Human Fraternity» baýragynyň 2026-njy ýyl boýunça gowşurylyş dabarasy geçirildi. Çäre Birleşen Arap Emirlikleriniň döwlet senasynyň ýerine ýetirilmegi bilen başlady, soňra baýragyň taryhy we ähmiýeti barada ýörite wideo görkezildi.***

Dabarada Musulman ýaşulularynyň geňeşiniň baş sekretary Mohammed Abdel Salam çykyş edip, baýragyň dünýäde parahatçylyk, ynsanperwerlik we halklaryň arasyndaky doganlygy berkitmekdäki ähmiýetini nygtady.

Çäräniň dowamynda Türkiýäniň Prezidenti Rejep Taýyp Erdogan, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, Pakistanyň Premýer-ministri Muhammad Şahbaz Şarif, Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Liwanyň Prezidenti Žozef Aun, Türkiýäniň birinji hanymy Emine Erdogan we Iordaniýanyň Patyşasy Abdullah II tarapyndan iberilen gutlag wideo ýüzlenmeleri görkezildi.

Prezident Erdogan öz ýüzlenmesinde şeýle diýdi:

**“2026-njy ýylyň ‘Zayed Award for Human Fraternity’ baýragynyň ähli adamzadyň bähbidine hyzmat etmegini arzuw edýärin. Bu ýyl baýrak bilen sylaglanan Azerbaýjanyň Prezidenti jenap Ilham Aliýewi we Ermenistanyň Premýer-ministri Nikola Paşinýany tüýs ýürekden gutlaýaryn. Ilham Aliýewiň batyrgaý ädimleri hem-de Paşinýanyň syýasy erk-islegi Kawkazda durnukly parahatçylygyň esasyny döredýär.”**

Все права защищены



Все права защищены

Ol şeýle hem iki ýurduň arasynda ylalaşygyň güýje girmegi bilen sebitiň geljeginde täze sahypanyň açyljakdygyna ynanýandygyny aýtdy.

Dabara sebitde parahatçylyk, durnuklylyk we ynsanperwerlik başlangyçlaryny goldaýan halkara derejesindäki möhüm çäre hökmünde bellenildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026